# Umumy ýaşaýyş jaýynda

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Umumy ýaşaýyş jaýynda UMUMY ÝAŞAÝYŞ JAÝYNDA

Goh-galmagal, otagyňa gaçarsyň,
Bäş adama uly däldir ketekden.
Otyra orun ýok, durmaga mydar,
Körpe çagaň aglap tutar etekden.

Aýal-erkek, oglan-uşak bir jaýda,
Pasportyňda bolsa mydam ärlisiň…
– Gijäniň içinde nirä barýarsyň?
– Wäk, aýagym, aýu, görmän, körmüsiň?

– Açyk howa…
– Bizem şoňa zar bolduk,
Dünýäň giň jaýynyň bize haýry ýok.
– Çyk, eýwana, ýatma senem bogulyp,
Goňşy çilim çekýär, başga saýry ýok.

Gündizler dat-bidat, gije jebirli,
Diýen bolýas: «Gaýrat et-de, hötde gel!»
Öz öýünde çuň ukuda ýatandyr,
Halymyzdan habar aljak ketdeler.

Işleýäs, il ýaly ýaşap bolanok,
Başymyzda bolsa müň dürli pikir…
Kiçijik zatlarda uly bagtly biz,
Wokzalda ýatamzok, şoňa-da şükür!..

- **MÜŇKÜRLIK**

Kiçijik meýlisde otyryp üýşüp,
Süýji ysy dünýä ýetdi dogramaň.
Öý eýesi tagam baryn daşaýar,
Meýlimiziň alýanyny soraman.

Wäşi sözler, gülki galdy asmana,
Kimler bolsa gyzyp gitdi gybata.
Ejaplylar gürläp bilmän otyrlar,
Käbirleri garaşanok nobata.

Şol wagt ýüzün ak tam edip bir gelin,
Äşgär etdi ýokdugyny ýüzügniñ.
Kalbymyzda gep dogurdy müñkürlik,
Biri-birne gözler bakdy: «Düzüwmiñ?»

Öý eýesi tagamyna sygynyp,
Myhman bolan şol «ogrudan» nalady.
Dag ýaly gelinler bir gysym bolup,
Ýadyndan çykarmaz beýle halady.

Onsoñ barladylar ýeke-ýekeden,
Myhman bolan ähli gyzy-gelini.
Ogry däl men, ýüzüm gyzýar eý, Hudaý,
Bu pursatdan agyr görüp ölümi.

Çaşyp barýan, ynha geldi «barlagçy»
Müñkür borlar, tasdan mundan gaçypdym.
Ara şeýtan salyp ýitirlen ýüzük,
Ahyr çykdy dogramaly saçakdan.

Oguljemal ÇARYÝEWA.

«Tokmak» žurnaly, 1991 ý. Goşgular